# Kyrk gyz

Category: Goşgular,Kitapcy
написано kitapcy | 22 января, 2025
Kyrk gyz

KYRK GYZ

(Garagalpaklaryň "Kyrk gyz" eposynyň gahrymanlaryna ýüzlenme)

Biriň-ä Aý, başgaň gögüň ýyldyzy,
Kyrk gyz.
Ähliјäňiz Ýunus ýeňňäň baldyzy,
Kyrk gyz.

Türkmeniň ilinden geldik bedewli,
Kyrk gyz.
Ýigitlermiz görmegeýden edenli,
Kyrk gyz.

Alma ýaňak, dodaklarňyz üzüm-le,
Kyrk gyz.
Oýün gurup garagalpak düzünde,
Kyrk gyz.

Bedewňiz säpjedip geliň salama,
Kyrk gyz.
Zar bolduk biz siziň kimin jenana,
Kyrk gyz.

Ýa bile gideliň biziň baş gala,
Kyrk gyz.
Aňrymyz  dogan-a,  biz bir maşgala,
Kyrk gyz.

Ýa rowaýat siz, ya galpagyň hyýaly,
Kyrk gyz.
Goraý ýören bu sahraýy diýary,

Kyrk gyz.

15.06.1988 ý.

Öwezdurdy NEPESOW.

Goşgular